# Marsa ilkinji bolup maýmynlar aýak basar!

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Medisina
написано kitapcy | 22 января, 2025
Marsa ilkinji bolup maýmynlar aýak basar!

MARSA ILKINJI BOLUP MAÝMYNLAR AÝAK BASAR!

Russiýa Mars saýýarasyna adamly uçuşdan öň maýmyn ugradyp görmegi meýilleşdirýär. Soçiniň Medisina we Primatologiýa institutynda ulaldylan primatlaryň arasyndan saýlanyp alynjak kyrk sany maýmyn adamly uçuşdan öňki synag uçuşyna taýýarlanýar.
Institutyň direktory Boris Lapin bu boýunça "Adamlar bilen maýmynlaryň radiasiýasynda meňzeşlikler bar. Itlerde ýa-da başga haýwanlarda däl-de, hur maýmynlarda muny synap görmek has amatly" diýip çykyş etdi.
Ruslar mundan owal kosmosa dürli maksatlar bilen iki gezek maýmyn ugradypdy. Birinji gezek 1983-nji ýylda kosmosa ugradylan Abrek we Bion atly iki maýmyn bäş güne çeken kosmos saparyndan soň sag-salamat yzyna dolanyp gelipdiler. 1987-nji ýylda bolsa Drýoma atly maýmun iki hepdelik kosmos saparyna çykypdy.

Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy.

Geň-taňsy wakalar